# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

Deňlik zähmet çekýän erkeklerde we aýallarda, maýyplarda olar bilen gatnaşyklarda we olara döredilýän mümkinçiliklerde ýerine ýetirilýär.

Türkmenistanyň ilatyny durmuş taýdan goramak Kodeksiniň 124-nji maddasyna laýyklykda, Maýyplygy bolan adamlary kemsitmek gadagan edilýär we kanun tarapyndan yzarlanýar. Maýyplygy bolan adamlaryň hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde, döwlet tarapyndan üpjün edilýär [5, 124-nji madda].

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeleriň esasy maksady adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny doly üpjün etmekden ybaratdyr. Hormatly Prezidentimiziň bu adalatly döwlet syýasaty adam mertebesiniň ýokarlanmagyna, ilatyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýynyň ýokary derejede saklanylmagyna, erkin we adalatly jemgyýetiň gurulmagyna gönükdirilendir.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Konstitutiýasy. – A.: 2023.
2. *Nathan M. Colvin.* Reaffirming the Rights of Persons with Disabilities. – Virginia: ODU, 2021.
3. Инвалидность. Руководство для парламентариев. №14, 2007.
4. Using the human rights framework to promote the rights of children with disabilities: Discussion paper. – New York: UNICEF, 2009.
5. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksi. – A.: 2012.



**Baýramgeldi Nazarow,**
*Halkara jemagat hukugy ugrunyň magistranty*


# HALKARA YNSANPERWER HUKUGYNYŇ KADALARYNYŇ JENAÝATÇYLYKLY BOZULMAGY BILEN BAGLANYŞYKLY JOGAPKÄRÇILIK

Halkara hukugyň kadalary diňe bir parahatçylyk döwründe hereket etmän, eýsem uruş we ýaragly çaknyşyklar döwründe hem hereket edýär. Şunuň ýaly kadalary döretmek we kämilleşdirmek zerurlygy dürli hili uruşlaryň we ýaragly çaknyşyklaryň köpsanly mysallaryny görkezýän jemgyýetçilik durmuşynyň hakyky tarapy bilen beýan edilýär. Özüniň sosial häsiýetine we maksatlaryna garamazdan, olaryň hemmesi ýaragly söweş serişdelerini ulanmak, ýagny söweşýän taraplaryň, şeýle hem harby çaknyşyga gatnaşmaýan taraplaryň halkara hukugyň ýörite kadalaryny berjaý etmegi bilen häsiýetlendirilýär. Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary halkara şertnamalar hukugy bilen bir hatarda, halkara hukugyň iň gadymy pudaklaryna degişlidir.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hem umumadamzat bähbitli ynsanperwer syýasatydyr. Ynsanperwer hukugynyň ýüze çykmagynyň, emele gelmeginiň we hereketiniň taryhy jähetleriniň esas goýujy ähmiýeti bardyr. Jemgyýetçilik ylmynyň islendik meselesine garamagyň obýektiwligi, onuň taryhda haçan ýüze çykandygynyň, öz ösüşinde haýsy tapgyrlary geçendiginiň, nähili netijelere getirendiginiň we ol hadysanyň nämä öwrülendiginiň takyk kesgitlenilip, öwrenilýän hadysanyň hemmetaraplaýyn we başga hadysalar bilen baglanyşyklylykda öwrenilmeginden ybarat bolup durýar.

Halkara ynsanperwer hukugy adamzadyň ösüşiniň anyk bir basgançagynda ýüze çykdy we onuň bilen bilelikde ösýär. Jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler, umuman, halkara hukugynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň gutulgysyz özgermegine getirdi, getirýär we getirer.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary taryhy nukdaýnazardan köp asyrdan bäri dowam edip gelýän tejribe hukuk pudagynyň emele gelmegine getirdi, we ol dürli wagtda dürli hili atlandyrylýardy, ýagny “uruş hukugy”, “ýaragly çaknyşyklar hukugy”, “halkara ynsanperwer hukugy” we başgalar. Ynsanperwer hukugyny işläp düzmäge täsir eden esasy faktorlarynyň biri hem, söweş meýdançasynda söweşýäniň namysy we aladasy hakyndaky düşünjesidir. Hakykatda, halkara ynsanperwer hukugy diňe ýaragly çaknyşyklaryň hukugyna däl-de, eýsem adam hukuklaryna hem esaslanýar. Ynsanperwer hukugyna has giň manyda garamak bilen, oňa uruş we parahatçylyk döwründe adam hukuklaryny üpjün etmek we goramak meseleleri goşulýar.

Häzirki zaman halkara ynsanperwer hukugy döwletleriň ynsanperwerlik çygryndaky hyzmatdaşlyklaryň netijelerini görkezýän täze ugruň emele gelendigine şaýatlyk edýär. Öz hukuk güýji, täsir ediş çygry, gatnaşyjylaryň düzümi, adam hukuklaryny we azatlyklaryny düzgünleşdirmekligiň häsiýeti we ş.m. boýunça tapawutlanýan bu pudagyň kadalary halkara hukugynyň dürli çeşmelerinde bellenilendir.

Halkara ynsanperwer hukugy nukdaýnazaryndan, Türkmenistan üçin Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň mahsusdygyny bellemek zerurdyr. Bitaraplyk Türkmenistanyň daşary syýasat işinde diňe wajyp syýasy-hukuk ähmiýete eýe bolman, eýsem çeşmeleriň arasynda BMG-niň çözgütlerine ähmiýetli orun berilýän, döwlet içindäki hukugyň ösüşine ýardam edýär.

Häzirki döwürde halkara ynsanperwer hukugyny düzgünleşdirýän halkara-hukuk resminamalaryň umumy toplumy döredildi. Türkmenistan döwletimiz bu ugur boýunça birnäçe halkara konwensiýalaryna goşuldy. Olaryň arasynda: 1992-nji ýylda 1949-njy ýylyň 4 sany Ženewa Konwensiýasyna we onuň 1977-nji ýylda Goşmaça Protokollaryna, şeýle hem 2018-nji ýylda “Ýaragly çaknyşyklar ýüze çykan mahalynda medeni gymmatlyklary goramak hakynda” 1954-nji ýylyň Konwensiýasyna we oňa degişli 1999-njy ýylyň Goşmaça Protokolyna goşuldy. Bu

Konwensiýada gozgalýan we gozgalmaýan medeni obýektleri goramak boýunça çäreler toplumy bar. Konwensiýanyň 4-nji maddasynda oňa gatnaşyjy döwletleriň medeni mirasa sarpa goýmaga we şol gymmatlyklara garşy duşmançylykly hereketlerden saklanmaga borçlanýandyklary barada düzgün goşuldy. Halkara ynsanperwer hukugy ulgamynda şertnamalaryň düzgünine görä, döwlet olary durmuşa geçirmek, şol sanda medeni gymmatlyklary goramak babatda jogapkärçilik çekýär, diýlip bellenilip geçilýär [1, 7 s.].

Halkara we milli hukugyň özara gatnaşygy netijesinde halkara hukugyň kadalary milli hukugyň ulgamyna baglanyşygy prosesini kesgitlemek we onuň hukuk mazmuny baradaky mesele boýunça bir umumy pikiriň ýokdugyny bellemek gerek.

Hut şonuň üçin 2021–2025-nji ýyllar üçin Halkara ynsanperwer hukugyny ornaşdyrmak boýunça çäreleri geçirmegiň Meýilnamasyny tassyklamak, şeýle hem Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara topary üçin iş meýilnamasy hem tassyklanyldy. Bu Meýilnama milli kanunçylygyň onuň halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryna we ýörelgelerine laýyk gelýändigine seljerişi geçirmeklik girýär.

Türkmenistanyň dünýä bileleşigine doly goşulyp, halkara taslamalara işjeň gatnaşmagy ýurdumyzyň milli kanunçylygyny halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk getirilmegi talap edýär. Şu maksat bilen, Türkmenistanyň Adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Pudagara topar bilen degişli işleri geçirmegi özüne maksat edip goýdy.

Halkara ynsanperwer hukugynyň kadalary Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryna aýratyn bap we bölüm hökmünde ornaşdyryldy. Halkara ynsanperwer hukugynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik jenaýat, administratiw we düzgün-nyzam görnüşinde bolup biler.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň VIII bölüminiň (21-nji baby) Parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýatlara bagyşlanandyr. Ondaky maddalar, urşy wagyz etmek, genosid, hakyna tutma, halkara goragyndan peýdalanýan adamlara çozuş etmekden ybaratdyr. TJK-niň 165-nji maddasynda: "Urşy wagyz edene, ýagny köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ulanmak ýa-da başga usul bilen basybalyjy urşuň alnyp barylmagyna çagyryşlar ýaýradana, iki ýyla çenli möhlete düzediş işlerinde işletmek ýa-da bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär. Şonuň ýaly etmiş: a) gaýtadan; b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan edilse, bäş ýyldan sekiz ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär", diýlip bellenilip geçilýär. 169-njy maddada bolsa: "Harby ýesirlere ýa-da raýat ilatyna ýowuz çemeleşilendigi, raýat ilatynyň ýurdundan kowulyp çykarylandygy, basylyp alnan çäkde milli emlägiň

ýok edilendigi ýa-da talanylandygy, ýaragly çaknyşykda Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda gadagan edilen serişdeleriň we usullaryň ulanylandygy üçin, on ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär" diýlip bellenilýär. TJK-niň 171-nji maddasynda bolsa ýaragly çaknyşyklar döwründe halkara ynsanperwer hukugynyň kadalarynyň jenaýatçylykly bozulmalaryna we 172-nji madda bolsa ýaragly çaknyşyk döwründe hereketsizlik ýa-da jenaýatçylykly buýruk berilmegine bagyşlanandyr. Ýa-da bolmasa TJK-niň 173-nji maddasy "Halkara şertnamalar arkaly goralýan nyşanlardan bikanun peýdalanylmagy" diýlip, onda harby hereketler döwründe halkara şertnamalarynyň talaplaryna garamazdan, Gyzyl Haçyň, Gyzyl Ýarymaýyň nyşanlaryndan ýa-da medeni gymmatlyklaryň gorag nyşanlaryndan ýa-da halkara hukugy tarapyndan goralýan gaýry nyşanlardan bilkastlaýyn peýdalanylandygy ýa-da bitarap döwletiň Döwlet baýdagyndan ýa-da halkara guramalarynyň baýdagyndan ýa-da nyşanlaryndan peýdalanylandygy üçin bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär, diýlip bellenilip geçilýär [2, 165, 169, 171, 172, 173-nji maddalar].

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 21-nji babynda bellenen jenaýatlar halkara jenaýat hukuk kadalary bilen şertlenendiklerine garamazdan, olaryň ulgamy halkara hukuk ylalaşyklaryna esaslanýan halkara jenaýatlaryň şeýle ulgamyna laýyk gelmeýändigini, ýagny meňzeş däldigini bellemek zerurdyr, sebäbi:

1) halkara hukuk kadalary we döwletiň içindäki jenaýat hukuk kadalary biri-biri babatda özbaşdakdyrlar. Şu jenaýatlar bilen bagly meseleler halkara hukuk namalarynda nähili çözülýändigine garamazdan, şeýle jenaýatlar amala aşyrylsa, olar TJK-nyň degişli maddalary bilen jogapkärçilige çekilýärler. Etmişiň halkara jenaýat hökmünde maddalaşdyrylyşynyň halkara-hukuk esaslandyrylyşy hem şuňa meňzeşdir, ýagny Halkara hukuk toparynyň ýörelgeleriniň birine laýyklykda, halkara hukugyna laýyklykda jenaýat hasaplanýan hereketler üçin içerki hukukda jogapkärçilik göz öňünde tutulmandygy günäkäri halkara hukugy boýunça jogapkärçilikden boşatmaýar;

2) TJK-de we halkara hukugynda subýekti häsiýetlendirýän alamatlar dürlüdir, ýagny halkara hukugynda döwlet subýekt bolup bilýän bolsa, TJK-de ol jenaýatyň subýekti bolup bilmeýär, diýlip bellenilip geçirilýär.

Türkmenistan häzirki wagtda anyk ýörelgelere we öz maksatlaryna takyk düşünmeklige esaslanýan köp meýilnamaly, toplumlaýyn daşary syýasaty amala aşyrýar. Şu manyda parahatsöýüjilik ugruny mundan beýläk ösdürmekde täze başlangyç nokady bolup, halkara ynsanperwer hukugynyň meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy işjeň alyp barýar. Türkmenistan ynsanperwer wezipesini ýerine ýetirmek bilen, ýurdumyzda bolup geçýän, aýdyň döredijilik ugry bilen tapawutlanýan durmuş-ykdysady özgertmelere giňden gatnaşýar [3].

Türkmenistan Ženewa Konwensiýalaryna we Goşmaça Protokollaryna goşulmak bilen, beýleki gatnaşyjy döwletler, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara Hereketiniň düzüm bölekleri bilen bir hatarda, Halkara Hereketiň ýokary institut edarasy we dünýäde iri ynsanperwer forumy bolup durýan hem-de ikitaraplaýyn bähbitli bolan ynsanperwer meseleleri boýunça çözgütlere seredýän we çözgütleri kabul edýär. Şeýlelik bilen, gatnaşyjy döwletleriň we hereketiň düzüm bölekleriniň arasynda gepleşikleri goldamaga ýardam edýän Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý Halkara konferensiýasyna gatnaşýar [4].

Ýer ýüzünde ählumumy parahatçylygy we durnuklylygy saklamak halkara gatnaşyklarynyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar we onuň ähmiýeti yzygiderli artýar. Biziň döwletimiz nähilidir daşarky howplaryň bolmazlygyna, onuň kanuny hukuklaryna, milli we durmuş taýdan möhüm ähmiýetli bähbitlerine kast edilmegine garşy göreşýän we ony berk ýazgarýan halkara düzgünleriniň emele gelmegi ugrunda gyzyklanýar hem-de bu babatda netijeli işleri durmuşa ornaşdyrmaga işjeň gatnaşýar.

Türkmenistan häzirki wagtda anyk ýörelgelere we öz maksatlaryna takyk düşünmeklige esaslanýan köp meýilnamaly, toplumlaýyn daşary syýasaty amala aşyrýar. Bu ugurda halkara ynsanperwer hukugynyň meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy işjeň alyp barýar. Türkmenistan ynsanperwer wezipesini ýerine ýetirmek bilen ýurdumyzda bolup geçýän aýdyň döredijilik ugry bilen tapawutlanýan durmuş-ykdysady özgertmelere giňden gatnaşýar. Bu bolsa döwletimiziň mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn we sazlaşykly ösdürmek üçin berk binýadyň goýlandygyny nygtamaga mümkinçilik berýän döwürleriň biri bolmak bilen, ol adamlaryň köp nesilleriniň, aýratyn-da, goldawa we alada mätäç bolup durýanlaryň durmuşyny gowy tarapa üýtgetmäge ýardam berer.

## EDEBIÝAT


1. Orta mekdepler üçin halkara ynsanperwerlik hukugy boýunça modul. www.tgymj.gov.tm

2. Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. – A.: 2023.

3. *Ballyýewa D.* Milli kanunçylygyň we halkara hukugynyň kadalarynyň sazlaşygy. “Demokratiýa we hukuk” žurnaly. – A.: TDNG, 2022.

4. https://www.tgymj.gov.tm/tm